# Garynjanyñ mesligi / basnýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Garynjanyñ mesligi / basnýa GARYNJANYÑ MESLIGI

Siñek maslygyna duşan garynja,
Ysyrganyp diýdi: — Ynha bir olja —

— Muny bärden alyp barsam dessine,
Garynjalar eñer meniñ üstüme.

Uzakly gün selpäp, tapaýsañ düwür,
Onuñam daşyndan bir giden gowur —

Diýip, gorky etdi biri görerden,
Garynja bosguny çozup gelerden.

Işdäsi açyldy, doýdy bir kemsiz,
Boluberdi şunda gaýgysyz-gamsyz.

Bireýýäm unutdy, ýoldaşlaryny,
Köneje hinini, deñ-duşlaryny.

Çola ýerde çenden aşa semredi,
Kämahallar ony-muny samrady.

Çem gelene agyz urup başlady,
Ýatan guşuñ aýagyndan dişledi.

Çalja torgaý birden tisginip gitdi,
Garynjany görüp, ýalmap-ýuwutdy.

Şeýdip pida boldy aşa meslige,
Ömrüni çalyşyp ýeke maslyga.

* * *

Aşa meslik başa bela getirer,
Päli peslik başyñ göge ýetirer.